# Tekiz ýer modelinde günüň hereketi

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tekiz ýer modelinde günüň hereketi TEKIZ ÝER MODELINDE GÜNÜŇ HEREKETI



Temaň soňunda suratda tekiz ýeriň ýüzünden günüň aýlanyşy görkezlen. Biziň günümiz şol bir çyzygyň üstünden aýlananok, we ýylyň dowamynda öz aýlanan ýoluny çalşýar. Her ýylyň 22-nji martynda, gün ekwatoryň üstüne gelýär we ýuwaş ýuwaşdan her aýlaw bilen “Leňňejiň tropigi” diýen giňişlige ýakynlaşýar we şol giňişlikden aňaryk geçenok. Her ýylyň 22-nji iýunynda, gün leňňejiň tropigininiň üstüne gelýär we ýene yzyna (ekwatora) tarap hereket edýär. Gün haçanda leňňejiň tropigine ýetende, biziň ülkelerimizde iň gyzgyn tomus bolýar. Haçanda gün ekwatira ýetende, biziň ülkelerimizde ýaz bilen güýz başlaýar. Gün tomus aýlary, Leňňejiň tropigina ýakynlanda we ondan ýuwaş ýuwaş daşlananda. Demirgazyk polýusynda “Polýar gün” atly hadysa tomaşa etseň bolýar. Temadaky suratda 1-nji gözegçiň duran ýerinden seretseň, gün hiç haçan ýaşanok we bir näçe aýlap gözýetimde aýlanar. Gün diňe ekwatora tarap ýöräp we

ondan aňaryk “Geçiň tropigina” geçen halynda, birinji gözeňçiň duran ýerinde bir näçe aýlap polýar gijesi başlaýar. Gün Leňňejiň tropigina ýakyn wagty, günüň aýlanýan ýoly gysgalýar we güni onyň ähli ýolunda görkem bolýar. Gün haçanda ekwatordan günorta tarap geçende, günüň ýoly uzalýar we ony bir nokatdan uzak wagt synlap bolanok. Eger suraty gowja synlasaňyz, gün leňňejiň tropiginde wagty, günorta polýusda gün ýetmezçilik başlaýar we geçiň tropiginden daşlaşdygyňça, şonçada gün az wagt göz ýetimde peýda bolýar. Bu diýmek tomus aýlary günorta polýusda “Polýar gije” hadysalara tomaşa etseň bolýar. Ýöne günorta polýusda, “Polýar gündüz” diýen hadysa hiç haçan bolmaga haky ýok, bu tekiz ýeriň modeliniň kanuny. Biziň günümiz “Geçiň tropigina” ýakynlap başlanda, günüň aýlanmaly medanynyň diýametri uzalýar we gün demirgazyk polýusa garanyňda has uly meýdany ýylatmaly bolýar. Şol sebäpden demirgazyk polýus bilen, günorta polýusyň temperaturalary tapawutlanýar. Demirgazyk polýusda gyşyna howa -40 çenli düşüp bilýän bolsa, güorta polýusda temperatura “olaryň” gyşynda -80 çenli baryp bilýär. Tekiz ýer modelinde ähli zat düşnükli bolsa, togalek ýer modelinde şeýle hadysaň nämäň hasabyna düşündürülýändigini özüňiz googl-dan gözläp tapaýyň.
Togalak ýeriň modelinde, günorta polýusda hem “Polýar günler” hökman bolaýmaly, ýöne tekiz ýeriň modelinde beýle bolmaga haky ýok. Togalak ýeriň modelinde. “Polýar gije” bolýan ýerde (şäherde), hökmany suratda “Polýar gün” hem bolaýmaly. Bu resmi ylymyň berýän habary. Ýöne günorta polýusda ýerleşýän Uşuaýa şäherinde mart aýynyň ahyryndan başlap, sentýabr aýyna çenli “polýar gije” bolýar, emma ol şäherde “polýar günler” bolanok. Resmi ylym öz aýdan zadyna özi garşy çykýar. Sebäbi togalak ýer modeli aldaw bolany üçin ähli deşikleri ýamamaga ýagdaýy ýok.




Geň-taňsy wakalar